# Peleňzaw oýlanmasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Peleňzaw oýlanmasy PELEŇZAW OÝLANMASY




*Alym dostum Hojamuhammet Meläýewiň ýagty ýadygärligine*
Ak kagyza ýazylan dek,
Ak gaýanyň ýüzünde,
Ýazylypdyr gadym döwrüň hatlary,
Belki-de, ol Awestanyň harplary?
Taryhydyr, belki, gadym Sumbaryň?
Ýörüşi hakdamy ýa bir keýseriň?
Hiç kim bilip bilmez onuň ýaşyny,

Geçiripdir eýýamlaryň gyşyny.

Bu ýazgynyň taryhy,
Oýlandyrýar alymy,
Oýlandyrýar şahyry,
Hem zergäri, daýhany…

Taryh dymýar,
Näme hakda bu ýazgy?
Pikir edip, muňa ýetmeýär demiň.
Ýöne bir günden bir gün.
Ýakarlar taryhyň gadymy şemin!

Owadan Peleňzaw,
Genji obamyň.
Ol mesgeni käbämiň,
Ol mesgeni kyblamyň.

Nohur daglarynyň bulagy sende,
Sözle Peleňzawym, sözle, dymma sen.
Sen diýip jan çeken bir sada ogluň,
Gulagy sende!

Ak kagyza ýazylan dek,
Ak gaýanyň ýüzünde,
Ýazylypdyr gadym döwrüň hatlary,
Belki-de, ol Awestanyň harplary?!.
21.12.2021. Goşgular